Oýlarymda mekan tutan melegim,
Çakylygyň ýetir.
Nirelerde sen?!
Juwanlyk bahary, mukaddes söýgiň,
Bakylygyn ýetir.
Nirelerdesen?!

Ynamy terk etmez yhlasyň güýji,
Yşk — bu, saýgarmaýar ir bilen giji,
Maňa iň naýbaşy,
iň datly,
süýji,
Günleriňi ýetir.
Nirelerde sen?!

Soraman,
indemän serime giren,
indemän serime giren,
Dünýäme görk bolup asmandan inen,
Sarpaly söýginiň bagyndan tiren
Gülleriňi ýetir.
Nirelerde sen?!

Köýdürme köňlümiň alawlan yşkyn,
Umydyň ganaty — nurana keşbiň,
Agyr görmen söýgiň agramly keşgin,
Elleriňi ýetir.
Nirelerde sen?!

**Kerimberdi DURDYÝEW,**
**Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig**
**mal biržasynyň Halkara gatnaşyklary**
**we maglumat seljeriş müdirliginiň**
**maglumat seljeriş bölüminiň başlygy.**
**«Biznes reklama» gazeti, 17.06.2024ý.**

Все права защищены

save pdf date >>> 11.04.2026